***Türkmenistanyň hokkeý ýygyndysy gyşky Aziýa oýunlaryna gatnaşar. Ýaryşlar 2025-nji ýylyň fewral aýynda Hytaýyň Harbin şäherinde başlar.***

Türkmen topary “C” toparyna düşdi. Onuň ilkinji garşydaşy Hindistanyň ýygyndysy bolar. Oýun 4-nji fewralda geçiriler. Türkmenistanyň Hokkeý federasiýasynyň başlygy Jora Hudaýberdiýewiň aýtmagyna görä, hokkeýçilere 5-nji we 9-njy fewralda Makao we Gonkong wekilleri bilen topar içi duşuşyklar garaşýar. Respublika ýygyndysy üstünlikli oýnaýan halatynda beýleki diwizionlaryň toparlary bilen pleý-off oýunlaryna gatnaşmak mümkinçiligine eýe bolar.

Topary şeýle uly ýaryşa taýýarlamak üçin Türkmenistan tejribeli daşary ýurtly hünärmenleri çekmegi meýilleşdirýär. Hususan-da, häzirki wagtda Russiýanyň “Ak Bars” klubynyň tälimçileriniň birini çagyrmak boýunça gepleşikler alnyp barylýar. 2017-nji ýylda Ýaponiýanyň Sapporo şäherinde geçirilen gyşky Aziýa oýunlarynda Türkmenistanyň hokkeý topary Malaýziýa, Makao, Indoneziýa we Gyrgyzystanyň garşydaşlaryny ýeňip, “altyn” medal gazandy.

Все права защищены